# Gaýtawul

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gaýtawul GAÝTAWUL



*Has Türkmene bagyşlanýar*
Eger-de bir ýerde sataşsaň derde,
Ýadyňdan çykarma, men-menlikdendir.
Il bähbidi üçin tutaşsaň oda,
Sahawatly köňül merdemlikdendir.

Günäleme ruhum bir yşga köýse,
Men daşdan başgaça, men başga öýde.
Kineli kalplary kirleden öýke,
Badyhowalykdan, gedemlikdendir.

Hiç oýnuň deň germi namartlar bilen,
Meýlis etdik sözde jomartlar bilen,
Paýhasyň mizany simap bile deň,
Göz ölçegiň bolsa mergenlikdendir.

Bir gelip dur ýalan dünýäň toý-ýasy,
Käwagtlar-a gerk-gäbe-de doýýarsyň.
Goç ýigidiň başy bolmaz gowgasyz,
Başa gelen emgek erdemlikdendir.

Boljak zady bilmesek-de çak edip,
Hata işi bolarmyka hak edip,
Gahar gelse, aklymyzy tükedip,
Tokmaga ýapyşsak tenteklikdendir.

«Başyň gama berme, köňlüň gubara»,
Goýmagyl bäş günlük ömrüň humara,
Bolup ýörsek iki jahan awara,
Sahtalykdan ýa-da serserlikdendir.

Kalbyň ýasama däl, kalbyň Köpetdag,
Ynsanlykdan gözbaş alan sypat bar,
Seniň uýýan taglymyňny hak edýän
Söz heýkel ýasalýan mermerlerdendir.

Sylapberdi MUHAMOW.

31.08.24. Aşgabat. 03:34. Goşgular